# Harplaryñ jülgesi / poema

Category: Kitapcy,Poemalar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Harplaryñ jülgesi / poema HARPLARYÑ JÜLGESI

Men bir täsin jülçä duşdum,
Bagy-bossan- ülje, üzüm.
Gürrüň berjel, sizem eşdiň,
Şahalary düzüm-düzüm…

Ýöne, onda miwä derek,
Sesler, harplar düzülip dur.
Gol uzatsaň ýekwe gezek,
Diýen sesiň üzülip dur.

Gowusy, men görkezeýin,
Her şahadan birje salkym.
Görsün her kim, etse meýil.
Şol jülgäniň sesin, harpyn:

***

„A“ salkymy:

Aý aydyň agşamlar,
Artýar almalaň aly.
Aman aýdýar Azada,
Almalary aýaly.
Aman aýdýar Azada,
Aýalyň-a, aýalyň,
Almalary aýalyň.

„“B“ _Salkymy:

Bagda biten badamlar,
Buşlar bize bahary.
Bize badam bereniň,
Bäşlik bolar bahasy.

„W“ salkymy:

WožatymyzWepaly,
Wadasyna wepaly.
Wadasyna wepaly,
Watanyna wepaly.

„G“-Salkymy:

Gök gyrtyçlar göýä gaýma,
Goýun-guzy goşa-goşa.
Gül-gunçany görse, guwlar,
Gark-garkyldaşyp, goşgy goşar.

„D“-Salkymy:

Dynçlyk edaglaň deresi,
Dynçlyk daglaň degresi.
Dynçlyk-dünýäňdiregi,
Dostluga-doganlyga,
Dünýäň durky diýmeli.

„ÝE“-salkymy:

Ýewtimlik, ýesirligi,
Ýeke-ýekeden ýeňip,
Ýeňişden ýeňşe ýetdi,
Ýeňiýolugy Ýeriň.

„ÝO“-Salkymy“:

Ýodajyga, ýodajyk,
Ýodajykda ýorunja.
Ýolda ýolbars ýolmalar,
Ýorunjadan ýolunsa.

„J“- salkymy:

Jadyly jülgejikde,
Jugur-da-jugur-jenjel.

Jandarlar jedelleşýär,
Jemin jemleýär jeňňel.

„I“- salkymy:

Zähmet zemin zynaty,
Zähmet zeminiň zeri.
Zähmetkeşe zulumkär,
Zeminiň zelelkäri.

„Ý“-salkymy:

Irmersiň, iş işleseň,
Ir-iýmişiň içinde.
Işdälije iýersiň,
Işläp, soň iýp içeňde.

„Z“-salkymy:

Ýüwrük-ýüwrük ýylkylar,
Ýyldyrym ýaly ýyndam.
Ýylgyryşa ýylkylar,
Ýaýlalary ýylydar.

„K“-salkymy:

Kerkawlaň kölgesinde,
Kurortda kimin, keýip.
Keýpin köklänsoň, kölgä,
Geler käkilik, keýik.

„L“- salkymy:

Leýlisaçly jagermiz,
Lälezar-a, lälezar.
Läläň, Leýliň lybasam,
Lowurdar-a, lowurdar.

„M“- salkymy:

Misli mahmal, mylaýym,

Maýda, maýsaly meýdan.
Medete, mähre maýyl,
Maýda maýsaly meýdan.

„N“-salkymy“:

Nan-nygmatyň nusgasy,
Nan –näziklik nahaly.
Nanyň nazy-nygmaty,
Nesilleriň nahary.

„O“-salkymy:

Okap, oýlansa Oraz,
Owlagy ony oýar.
Owlak oýnap oýnap otursa,
Oraz oňa ot orar.

„Ö“-salkymy:

Öýmüziň öňi öleň,
Öwez öýmüzi öwýär.
Öküzmiz örä ötse,
Öleňden ördek örýär.

„T“-salkymy:

Traktorlar tarlaşyp,
Topragy taraşlaýar.
Tahyr taýar topraga,
Täze tohum taşlaýar.

„P“-salkymy:

Pasyllaryň pälwanynda,
Pudakdan pytrar perler.
Penje-penje pamygy,
Paýlar pagtaly peller.

„R“-salkymy:

Rejep, rejeli,
Reňklär ramany.
Reňçi Rejepden,
Raýatlar razy.

„S“ –salkymy:

Sary-sary serçeler,
Sary saman saýlaýar.
Soň sergin selmelikde,
Süýji-süýji saýraýar.

„U“-salkymy:

Ulgam-ulgam urpaklar,
Ukusyndan uýalýar.
Uly-uly ulgamlar,
Ulgamlarda ulalýar.

„Ş“-salkymy:

Üýşmek üýşmek ümürleň,
Üçeginden üzülen.
Üýşýär ülüş üstüne,
Üljeleriň, üzümleň.

„H“-salkymy:

Hekim, hany, haýwanlaň,
_Haýsysyny halaýaň?
_Haýbatly hem hatyrjem,
Hüwileri halaýan.

„Ç“ salkymy:

Çopanlaň çarwasynda,
Çöle çykdy çagalar.
Çölüň çal çawgasynda,
Çapak çarpdy, çagalar.

“Ş“ salkymy:

Şetdalynyň şahasyn,
Şatyrdadýar şagallar.
Şirinje şetdalyny,
Şapyrdadýar şagallar.

„Ý“-salkymy“

Yzzat yzçy yssyda,
Yz yzarlap, ylgaýar.
Yzçylar ygalda-dňa,
Yzyň yzyn yrmaýar.

„E“- salkymy:

Enesi elek elär,
Ejesi eker ekin.
Emma ekin ekmäge,
Esen emewlsiz eken.

„Ä“-salkymy:

Äşejigiň äýnegi,
Ähtibarly ädigi.
Äleme äňedipjik,
Äşe ädýär ädimi.
„ÝA“-salkymy:

Ýazlaglar ýaýla ýaýrar,
Ýazlaglarda ýatylar.
Ýagyş ýagsa ýaýlalar,
Ýaşyl ýaglyk ýapynar.

„F“-salkymy:

Fermamyzyň feldşeri,
Frontçy.
Fermamyzyň furgonçysy,
Futbolçy.

***

Gördüňizmi, çagalar,
Hersi bor ajap salkym,
Seýl etseňiz bu jülgä,
Ömrüňe salar yalkym.

11-20-nji ýanwar 1978.